Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 64 (147) 2025-nji ýylyň 10-njy dekabry




## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisindäki ÇYKYŞY

**(Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 6-njy dekabry)**

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi möhüm syýasy wakalaryň biri boldy. Şunuň bilen baglylykda, 2025-nji ýylda wajyp ähmiýetli halkara çäreleriň geçirilendigini bellemek isleýärin. Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllyk ýubileýi bilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň gabat gelmegi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde bolsa ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Eziz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üçünji gezek ykrar edilmegi biziň alyp barýan Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdiriljekdiginiň aýdyň beýanydyr. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy ýurdumyzda we daşary ýurtlarda giňden bellenildi. Bu ugurda köp sanly iri çäreler geçirildi, möhüm resminamalar kabul edildi.

Şu ýyl «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty ýokary derejede geçirildi. Türkmenistanyň halkara abraýyny has-da artdyran bu maslahatyň jemleri boýunça Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi, şeýle hem 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy yglan edildi. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde bolsa «Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi.

Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiziň milli kanunçylygyndaky ornuny has-da berkitmek maksady bilen, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny kabul edildi.

Ýakyn günlerde paýtagtymyz Aşgabat şäherinde geçiriljek Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wekilçilikli forumy bolsa döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli taglymatyny dünýä ýaýmakda möhüm ähmiýete eýe bolar. Halkara forum parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde Türkmenistanyň abraýyny has-da belende göterer, dünýä bileleşigi tarapyndan biziň ýurdumyza, türkmen halkyna, onuň alyp barýan oňyn Bitaraplyk syýasatyna uly hormat bilen garalýandygyny görkezer.

Bu wakalaryň ählisi Türkmenistanyň daşary syýasatyny giňden beýan etmek bilen, bütin dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmek, ynanyşmak esasynda gatnaşyklary ösdürmek ugrunda alyp barýan işlerimizi has-da dabaralandyrýar. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda halkara guramalar bilen ýola goýlan işleri mundan beýläk-de ösdürmegi netijeli dowam etdirmeli.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**
**Hormatly adamlar!**

Pursatdan peýdalanyp, siziň ähliňizi ýurdumyzyň durmuşynda taryhy ähmiýeti bolan bu wakalar hem-de ýetilen sepgitler bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

**Hormatly Ministrler Kabinetiniň agzalary!**
**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Geljek, 2026-njy ýylda ýurdumyzyň daşary syýasat we diplomatiýa işiniň esasy wezipesi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen Kararnamalary öňe sürmekden we durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda Türkmenistan BMG bilen bilelikdäki maksatnamalary durmuşa geçirmek babatda degişli işleri alyp barýar. Şeýle hem «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň möhüm ähmiýetini aýratyn nygtamak isleýärin.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasy örän giň gerimlidir we köp sanly ugurlary öz içine alýar. Geljek ýylda-da Türkmenistan ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn derejede hyzmatdaşlygy berkitmegi dowam etdirer. Goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklar ileri tutulýan ugur bolup durýar. Şoňa görä-de, Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlaryndaky, şeýle hem Hazarýaka sebitdäki döwletler bilen doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk we birek-birege hormat goýmaga esaslanýan gatnaşyklary dowam etdirer.

Şeýle hem Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna girýän döwletler bilen ykdysady, energetika, ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda ysnyşykly hyzmatdaşlyk alnyp barlar. Türkmenistan Günorta Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň, Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürer. Häzirki döwürde bu sebitlerde ählumumy ykdysady we tehnologik ösüşler gazanylýar. Bu sebitleriň ýurtlarynyň hem Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändiklerini bellemek gerek.

Biz Aziýadan Ýewropa üstaşyr ulag geçelgesiniň bölegi bolan «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasyny amala aşyrmagyň üstünde-de degişli işleri ýerine ýetirmeli. Ýewropa ýurtlary bilen birek-birege hormat goýmaga esaslanýan, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek hem dowam etdiriler. Şol ýurtlar bilen ýokary tehnologiýalar ulgamynda, «ýaşyl» energetika geçmekde, emeli aňy ornaşdyrmakda hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn üns bermeli. Biz Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Afrika yklymynyň döwletleri bilen hem gatnaşyklarymyzy yzygiderli ösdüreris. Şunda Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki halkara düzümlerde hyzmatdaşlygy bellemek isleýärin.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Geljek ýylda hem köp sanly halkara çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. 2026-njy ýylda ýurdumyzyň baş baýramyny — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuny giňden belläp geçeris.

Geljek ýylda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň sekizinji konsultatiw duşuşygy Türkmenistanda geçiriler. Şeýle-de 2026-njy ýylda Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk eder. Ýurdumyzda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi guralar.

**Hormatly mejlise gatnaşyjylar!**

Halkara giňişlikde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň bähbitlerini goramakda siziň uly işleri alyp barjakdygyňyza berk ynanýaryn.

# ПРЕЗЕНТАЦИЯ КНИГИ УВАЖАЕМОГО ПРЕЗИДЕНТА «НЕЙТРАЛИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА — СВЕТЛЫЙ ПУТЬ МИРА И ДОВЕРИЯ»

7 декабря 2025 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась презентация новой книги уважаемого



Президента Сердара Бердымухамедова «Нейтралитет Туркменистана — светлый путь мира и доверия». В мероприятии приняли





участие Заместитель Председателя Кабинета Министров, министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, руководители дипломатических представительств иностранных государств и международных организаций, аккредитованных в нашей стране, главы дипломатических миссий и консульских учреждений Туркменистана за рубежом, сотрудники Министерства иностранных дел Туркменистана, профессорско-преподавательский состав и студенты института.

В рамках презентации в фойе института была организована выставка, где представлены произведения прикладного искусства, отражающие миролюбие, доброжелательность нашего народа и значение постоянного нейтралитета.

Как известно, на заседании Кабинета Министров Туркменистана, состоявшегося 6 декабря 2025 года, уважаемый Президент Сердар Бердымухамедов сообщил о завершении работы над книгой «Нейтралитет Туркменистана — светлый путь мира и доверия», посвящённой итогам Международного года мира и доверия. В книге подробно раскрывается значение постоянного нейтралитета Туркменистана, трижды признанного Генеральной Ассамблеей ООН, а также исторические инициативы нашей страны, направленные на укрепление мира и доверия в мире. Кроме этого, в ней обобщены достижения и успехи Туркменистана.



В начале презентации состоялась литературно-музыкальная композиция «Нейтралитет — наше вечное счастье» в исполнении сту-



дентов Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана. Затем с приветственным словом выступила ректор института Гульшат Юсупова, отметившая, что новая книга уважаемого Президента всесторонне раскрывает ценность постоянного нейтралитета и станет научно-литературным пособием для молодёжи, включая будущих специалистов в области международных отношений.

На мероприятии выступили Заместитель Председателя Кабинета Министров, министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, Постоянный представитель Туркменистана при ООН (г. Нью-Йорк), Герой Туркменистана Аксолтан Атаева, руководитель Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии Каха Имнадзе. В своих выступлениях они подчеркнули важность выхода в свет новой книги Аркадаглы Героя Сердара в дни торжеств по случаю Международного года мира и доверия, и Международного дня нейтралитета. Было особо отмечено, что это прекрасное издание станет ценным источником в изучении принципов миролюбивого постоянного нейтралитета и истоков национальной дипломатии, войдя не только в научно-литературное наследие нашей страны, но и в мировую научную сокровищницу.

Участники презентации поздравили Героя-Аркадага и Аркадаглы Героя Сердара с выходом в свет книги «Нейтралитет Туркменистана — светлый путь мира и доверия», выразили искрен-



нюю благодарность за этот замечательный праздничный подарок и приняли Обращение на имя уважаемого Президента Туркменистана.

**«Голос молодого дипломата».**

# NEUTRALITY – A SOLID FOUNDATION FOR PEACE AND GOODWILL

On the eve of the glorious and solemn celebration of the significant 30th anniversary of legal status of Turkmenistan as a permanently neutral state in the "Year of International Peace and Trust," it is considered to be appropriate to give rave reviews of the achievements and benefits that our country and turkmen people reached by virtue of the Permanent Neutrality of Turkmenistan, and that was reaffirmed three times by UN General Assembly resolutions. The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, expressing his congratulation to the President of Turkmenistan on the unanimous support of the new Resolution, "Permanent Neutrality of Turkmenistan," at the 61st plenary meeting of the 79th session of the UN General Assembly, adopted at our country's initiative in his congratulatory letter, emphasizes that the recognition of Permanent Neutrality for the third time under the leadership of Arkadagly Hero Serdar in the Era of the Revival of a New Epoch of a Powerful State and the Year of International Peace and Trust, clearly demonstrates the successful continuation of neutrality policy of our country, the growth of the international prestige of our country and worldwide support the efforts of the Head of our State ensuring international peace all over world. Our Hero Arkadag also emphasizes that the Neutrality of Turkmenistan is value not only of the Turkmen people but all humanity, and an essential warranty for strengthening peace and trust. Neutrality is a doctrine promoting peace all over the world and calling upon nations to maintain friendship, brotherhood and unity and spreading worldwide our humanistic principles. Under the wise leadership of our Esteemed President, this doctrine encourages turkmen people spiritually to succeed in their endeavour for the sake of great future of our beloved Motherland. As well as congratulatory letter by Hero Arkadag says that this status has a positive impact on establishing cooperation, collaborating and trust in the interests of peace, and development of humanity.

Turkmenistan consistently demonstrates the effectiveness of Neutrality as a core for implementing preventive diplomacy at the regional and global levels. The adoption of nearly 30 resolutions in recent years, initiated by Turkmenistan, is a clear evidence of this. This demonstrates the commitment of unique Turkmen diplomacy to friendly, effective principles and international resolutions. The third recognition and affirmation of neutrality of Turkmenistan at the UN level, and its positive experience clearly demonstrate that the philosophy of "Dialogue is the Guarantee of Peace" and the principle of "Peace through Development," put forward by our National Leader, gain broad support worldwide, and the high peace-loving culture of our people is recognized. The repeated affirmation of Permanent Neutrality of Turkmenistan and the world recognition of the interaction of neutrality, peace, and stability are particularly significant in the current complecited global situations.

Neutrality of Turkmenistan is basis of foreign policy of our country, in which peaceful cooperation and good-neighborliness play a key role. Therefore, in accordance with the principles of its foreign policy, Turkmenistan consistently adheres to a policy of neutrality, creates favorable external conditions for its enhancing, actively develops friendly relations and cooperation with other countries, and makes a significant contribution to peaceful and sustainable development in the region and all over the world. The policy of Neutrality reflects a real image of Independent Turkmenistan and symbolizes the aspirations of the Turkmen people for peace, stability and development. Our Neutral State has accumulated great experience in this area for many years, and has become a center of harmony and friendship. Therefore, it can be confidently stated that Turkmenistan, as a accountable representative of the world community, relying on the legal status of neutrality, on the philosophy of our Hero Arkadag "Dialogue is the Guarantee of Peace," and the continuation of the principles of Permanent Neutrality in foreign policy of our country by President of Turkmenistan, will continue to make a worthy contribution to the development of International relations.

**Selbi NAZAROVA,**
The Lecturer of the Department of World Languages.

***Столица Туркменистана официально присоединилась к Глобальной сети обучающихся городов ЮНЕСКО (GNLC). 7 декабря в хякимлике города Ашхабада состоялась торжественная церемония передачи Сертификата, подтверждающего принятие города в международное сообщество, ориентированное на образование на протяжении всей жизни.***

# PARAHAT DURMUŞYŇ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bimöçber aladalary bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan diýarymyzyň her bir güni asuda, parahat, bagtyýar günler bilen utgaşyp gidýär. Her bir bagtly ynsanlaryň durmuşynda bolşy ýaly, halkyň, döwletiň ykbalynda hem ýatdan çykmajak pursatlar, şanly wakalar bolup geçýär. Türkmen halkynyň durmuşynda ajaýyp we taryhy waka boljak hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy ýetip geldi. Diňe biziň däl, eýsem, dünýä ýurtlarynyň wekilýetleriniň gatnaşmagynda geçiriljek bu baýramçylyk bütin türkmen halky üçin buýsançly pursat boljakdygyna şek-şübhe ýokdur. Biz hem talyplyk durmuşymyzda şeýle ajaýyp wakalara şaýat boljakdygymyza begenjimiziň çägi ýok. Nesip bolsa, hemişelik Bitaraplyk toýumyzyň dabarasyna tomaşa etmek bilen, özümizde galan täsirler barada talyp deň-duşlarymyz, obada ýaşaýan dogangaryndaşlarymyz bilen özümizde galan şatlykly duýgularymyzy paýlaşarys. Bu bolsa eziz Watanymyza, hormatly Prezidentimize bolan söýgümizi has-da belende galdyrar.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik däpleri döwletimiziň oňyn Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň özeni bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly öňdengörüjiligi, ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasyny amala aşyrmakdaky uly üstünlikleri ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki abraýyny belende göterýär. Halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we umumadamzat ösüşlerine dahylly öňe sürýän möhüm meseleleri, ajaýyp başlangyçlary dünýä bileleşigi tarapyndan biragyzdan gyzgyn goldanylýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakynda Kararnamanyň üç gezek kabul edilmegi, her ýylyň dekabr aýynyň 12-siniň «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip yglan edilmegi ata Watanymyzyň belent abraýynyň subutnamasydyr. 2025-nji ýylyň dünýä derejesinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi parahatçylyga, abadan, asuda durmuşa bolan söýginiň, aýdyň geljege atarýan beýik ynamyň halkymyzyň ruhy dünýäsinde, milli özboluşlylygynda öz beýanyny tapýandygyny aňladýar. Halkara derejesinde ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyz bütin dünýäde parahatçylygy ündeýän, halklary bagtyýarlyga çagyrýan, ynsanperwerligi wagyz edýän daşary syýasat ýörelgelerimizi dünýä ýaýýan üstünlikli taglymatdyr.

Biziň okamagymyz, öwrenmegimiz, döretmegimiz üçin taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, bütin türkmen halkyny hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Goý, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ömürleri uzak, janlary sag, döwlet ähmiýetli tutumly işleri elmydama rowaç bolsun!

*Halkyň ykbalynda bagtyň çyragy,*
*Bitaraplyk, parahatlyk aýdymym,*
*Watanyň goýnunda jennediň bagy,*
*Bitaraplyk, parahatlyk aýdymym.*

*Şudur bu ömrümde bagty gördügim,*
*Päk asman bezegi ýaşyl baýdagym*
*Watanym meň, jandan eziz söýdügim,*
*Bitaraplyk, parahatlyk aýdymym.*

**Ogulnar GARRYGULOWA,**
Halkara žurnalistikasy hünäriniň II ýyl talyby.



# BITARAPLYK — BAKY BAGTA BADALGA

Bitaraplyk halkymyzyň gözüniň göreji kimin ezizleýän mukaddesligidir. Bitaraplyk türkmeniň köňlündäki arzuwlarynyň altyna barabar wysalydyr. Türkmenistan syýasy gatnaşyklarda oňyn Bitaraplyk hem-de parahatçylyk söýüjilik ýoluny saýlap almak bilen, sebitde durnukly ösüşi, hoşniýetli goňşuçylygy we parahatçylygy pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesini ykrar etmegi halkymyzyň asyrlar boýy arzuw eden parahat we durnukly ösüş ýolunyň başlangyjy boldy. Gözel ýurdumyzyň dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek resmi taýdan Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegi biziň buýsanjymyzy has-da artdyrdy. Hemişelik Bitaraplygymyz biziň ajaýyp şu günümiziň we ak geljegimiziň sakasydyr, binýadydyr.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygy — bu diňe bir ýurdumyzyň taryhyndaky däl, eýsem, tutuş dünýä jemgyýetçiliginiň arasynda parahatçylyk, dostluk we hyzmatdaşlyk ýörelgeleriniň dabaralanýan güni diýsek dogry bolar.

Bu şanly senäniň dowamynda ýurdumyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasaty dünýäniň ähli ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine, ynanyşmagyň, özara hormatyň berkidilmegine gönükdirilendir. Şanly Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy ösüşleriň, döredijiligiň baýramydyr. Bu ajaýyp döwürde Türkmenistan ykdysady taýdan kuwwatlanýar, jemgyýetçilik ösüşinde täze sepgitlere ýetýär, dünýä derejesinde parahatçylyk we durnukly ösüş üçin işjeň çykyş edýär. Goý, asuda, erkana Watanymyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly baýramy ykballara altyn nur çaýsyn! Köňlümizde Watana söýgümiz egsilmesin!

Mazmuny dür, manysy zer, iliň-günüň köňül nury,
Bu dereje her türkmeniň buýsanjy, kalbynyň tary,
Myhmansöýer türkmenimiň myhman-meduwanly töri,
Bitaraplyk — köňül tugum, Bitaraplyk — bagtym meniň!

Gahryman Arkadag bilen külli türkmen mertebeli,
Arkadagly Serdarymyz nurlandyrýar erteleri
Günbe-günden Arşa galýar Watanymyň mertebesi
Bitaraplyk — köňül tugum, Bitaraplyk — bagtym meniň

Otuz ýyllyk toýuň giňden toýlanadyr bu illerde,
Il-gün baýram-toýa mydam şaýlanadyr bu illerde,
Bagtyň waspy şygyr bolup söýlenedir bu illerde
Bitaraplyk — köňül tugum, Bitaraplyk — bagtym meniň

Halkara ynanyşmaklyk köňüllere paýlar şatlyk,
Hemişelik Bitaraplyk — ykrar, abraý hem abatlyk,
Ömürlere şugla çaýýar asudalyk, parahatlyk
Bitaraplyk — köňül tugum, Bitaraplyk — bagtym meniň

Barha äleme ýaýylýar türkmenleriň owazasy,
Dünýäň dilinde ýaňlanýar müň gaznaly Awazasy,
Has belende galdy bu gün toýlarymyzyň dabarasy,
Bitaraplyk — köňül tugum, Bitaraplyk — bagtym meni.

**Oguljan KURBANOWA,**
Halkara žurnalistikasy hünäriniň II ýyl talyby.

## TOÝUŇ MÜBÄREK!

*Buşluk, türkmen ilim, gözüňiz aýdyň!*
*Ýurdum Bitaraplyk toýuň mübärek!*
*30 ýyllyk şanyň kalbymda aýdym,*
*Ýurdum Bitaraplyk toýuň mübärek!*

*Pederleň öňünde dyzym epilen,*
*Ýaýlalarňa bagtyň nury sepilen,*
*Dünýäde ýeke-täk ykrar edilen,*
*Ýurdum Bitaraplyk toýuň mübärek!*

*Perzentleriň buýsanjy bar gözünde,*
*Watan, ygrar bardyr aýdýan sözünde,*
*Parahatlyk söýýär Ýeriň ýüzünde,*
*Ýurdum Bitaraplyk toýuň mübärek!*

*Janym gurban topragymyň duzuna,*
*Aşykdyryn aýdymyna, sazyna,*
*Gyşyna, tomsuna, güýzi, ýazyna,*
*Ýurdum Bitaraplyk toýuň mübärek!*

*Asudadyr zemin, asman şuglaly,*
*Owadandyr dünýä käbe-kyblaly,*
*Bu toýly günleri ýüze sylaly,*
*Ýurdum Bitaraplyk toýuň mübärek!*

## GARAŞSYZ, BITARAP ATA MEKANDA

*Asuda, parahat illerim bardyr,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*
*Parahatlyk sary ýollarym bardyr,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Halal ojaklarmyz, obadyr-kendim,*
*Zähmetde bekedim, ýaryşda ýeňdim,*
*Kalbyma ganatdyr her ýazan bendim,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Oglunyň, gyzynyň bardyr wepasy,*
*Okamak, döretmek, kalp akabasy,*
*Köňüller joşgunly gowşamaz bady,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Gojalary toýlarmyzyň bezegi,*
*Ak saç ene dünýämiziň diregi,*
*Perzendine halal berer çöregi,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Bilbil saýrar ak daňlaryň atary,*
*Toý-tomguly öýlermiziň hatary,*
*Bitaraplyk berdi bize bahary,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Toýlardan toýlara barýar Diýarym,*
*Mertebäňi her ädimde duýýaryn,*
*«Diňe öňe, jan Watanym!» diýýärin,*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Bitaraplyk-biziň göwün çagymyz,*
*Goý, dünýä ýaň salsyn bu gün şanymyz!*
*Il bagtyýar Gahryman Serdarymyz!*
*Garaşsyz, Bitarap ata mekanda.*

*Jumaberdi ARTYKOW,*
*Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy,*
*«Ýaş diplomatyň sesi».*

***Посол Туркменистана в Объединенных Арабских Эмиратах Байрам Байрамов вручил верительные грамоты Президенту Объединённых Арабских Эмиратов Шейху Мухаммеду бин Зайеду Аль Нахайяну.***

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyndan:

*«Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkymyzyň durmuşyň häzirini duýup, rahat ýaşamagyna, durmuşyň döredijilikli ýollarynyň üstünlige eltýändigine bolan ynamynyň pugtalanmagyna itergi berýär. Şoňa görä, Bitaraplyk diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň gymmatlygydyr, parahatçylygy we ynanyşmagy rowaçlandyrmagyň möhüm şertidir. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy adamzadyň öňünde geljege barýan iň ygtybarly ýollary – adalatyň hem ýeňşiň ýollaryny açýar».*

# ŞYGYRLARDAN ÇEMEN BOGDUK, ŞANLY BAÝRAMYŇ ŞANYNA!

## Bitaraplyk – ykballaryň arzuwy

Bitaraplyk – tarapsyzlyk diýmek däl,
Ol tutuş Zemine tarapdar diýmek.
Ynsanlaň, ykballaň arzuwyn jemläp,
Parahatlyk guryjan taraşgär diýmek.

Bitaraplyk – tarapsyzlyk diýmek däl,
Ol ynam paýlamak ähli tarapa.
Kalplaryň töründe şatlyga besläp,
Rahatlygyn bermek – dünýäň garaşan.

Lider söz sözleýär goýman şübhe-şek,
Bu gün bütin dünýä biz taraplykdyr.
Ynsanyýeti röwşen geljege eltjek,
Iň ygtybar ýol bu Bitaraplykdyr.

Halkymyzyň depesine täç bolan,
Bitaraplyk bu bir beýik ykbaldyr.
Ýer ýüzüni hoşniýete, hoşluga
Besläp, çar tarapa uzan ak ýoldur.

Bitaraplyk taraplara bölmezlik,
Ýer ýüzünde hiç bir ýurdy, milleti.
Bir gyrada biparh durup bilmezlik,
Bir ynsana düşse gussaň kölgesi.

Bitaraplyk – bir taraplyk etmekdir,
Ählisini tutuş ynsan kowmunyň.
Hem ýol başlap öňe alyp gitmekdir,
Menziline haýyr işleň, gowlugyň.

Bitaraplyk – bu bir ýönekeý söz däl,
Hem mübärek, hem mukaddes kelamdyr.
Her işiň iň adyl çözgüdin gözlän,
Halkymdan jahana berlen kemaldyr.

Bitaraplyk – ýranmajak ynamdyr,
Kär etmeýär oňa wagtam, möhletem.
Ýagtyşyny dumly-duşa salandyr,
Döredilip mün öwüşgin, şöhleden.

Bitaraplyk – baran ýeri ýaz olan,
Çar ýanyny güle bürän ýakymdyr.
Ol Şükürüň dutarynda saz olan,
Göwünleriň güzerine akandyr.

Perzendiniň başujunda eneleň,
Eden dilegleri – Bitaraplykdyr.
Baky bagtyň mekanyna deňelen,
Erem diýenleri – Bitaraplykdyr.

Bagta besläp ähli mekan-mesgeni,
Şatlyk çaýýan adamlaryň meňzine.
Bitaraplyk – oklaw ýaly gös-göni,
Ýoldur eltýän adalata, deňlige.

Hüwdi bilen, aýdym bilen, saz bilen
Aňymyza, aslymyza siňdirlen.
Bitaraplyk dünýä ýaýdy täzeden
Jebis iliň jennet bilen deňdigni.

Bitaraplyk – daňlaň rahat atmasy,
Asuda dogmagy Güneşiň, Aýyň.
Ol türkmeniň adamzada ýapmasy
Iň arzyly, iň gerekli serpaýyn.

Bitaraplyk pelsepedir owaldan,
Pentdir bize pederleriň goýdugy.
Dowamata dowam beren Oguldan
Kemal tapan dillermiziň aýdymy.

Ýüreklerden dömüp çykan ýörelge,
Kalbyň owazyndan dörän mukam, heň.
Oguz handan gözbaş alan görelde,
Arkadagyň kämil yhlasy siňen.

Bitaraplyk – bu bir mukaddes kelam,
Asudalyk, agzybirlik nagmasy.
Ol müdimi durjak mizemez bina,
Bitaraplyk – baky bagtyň şuglasy.

Bitaraplyk – Güneş – göwünler içre,
Özüniň münewwer şöhlesin saçan.
Bitaraplyk – sungat, nepis hem inçe –
Dostluk-doganlyga kämil ýol açan.

Arkadag Gahryman Serdary bilen
Ilim dünýä ýaýýar Bitaraplygy.
Onda halklaň arzuwlary jemlenen –
Millionlap ýürekleň bagty, şatlygy.

Bitaraplyk geçirmejek möwritin
Taglymat, başlaryň bagy guşudyr.
Ol Beýik Liderli beýik milletiň,
Dünýä ýollan adyl çagyryşydyr.
Dünýäň goldan adyl çagyryşydyr.

*Mätgurban MÄTGURBANOW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*V ýyl talyby.*

## Bitaraplyk buýsanjy

Şu günden baş alýar ertäniň haly,
Göwünden baş alýar ynsan ykbaly,
Dost-dogan eýleýip ýakyny-ýady,
Arkadagly Serdar, Arkadag bile
Bitaraplyk milli buýsanç, şan bize!

Adamzat kalbyna hoş zyban eýe,
Ýranmaz döwlete Hak sylan eýe,
Goý, bu dünýä dursun parahat diýe,
Arkadagly Serdar, Arkadag bile
Bitaraplyk milli buýsanç, şan bize!

Ganatlydyr ugrugan rowan tapsa,
Halatlydyr dowamat dowam tapsa,
Türkmeniň dilegi gowşupdyr arşa,
Arkadagly Serdar, Arkadag bile
Bitaraplyk milli buýsanç, şan bize!

Sözler şirin bolsa, aýdym-saz bolar,
Iň aýazly guşyň soňam ýaz bolar,
Alkyşyna kelamymyz az bolar,
Arkadagly Serdar, Arkadag bile
Bitaraplyk milli buýsanç, şan bize!

Umman düýbi dür-merjene beslenen,
Munda işler sap geljege beslenen,
Biragyzdan bütin dünýä ses beren,
Arkadagly Serdar, Arkadag bile
Bitaraplyk milli buýsanç, şan bize!

*Gurbansähet GURBANSÄHEDOW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*V ýyl talyby.*

## Watanym

Aslyň asyrlaryň kökünden gaýdan,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!
Goraldy geçmişiň tupandan gaýdan,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!

Bagyňda bilbiller erkana saýran,
Belent çawuň bütin äleme ýaýran,
Owadan görküňe hemmeler haýran,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!

Aşgabadym şäherleriň peýkeri,
Bina boldy Pyragynyň heýkeli,
Magrupdan Maşryga haýran eýledi,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!

Dostlugyň mesgeni gözel «Awaza»,
Joşgun berýär ol gojaman Hazara,
Goýnuň şatlyk-şowhun, toýdur dabara,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!

Külli türkmen halky dessanlar boýlap,
Baky bagt içinde joş urup, ýaýnap,
Bu gün şanly toýuň uludan toýlap,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!

Öňe barýar, şöhrat bilen, şan bilen,
Milli Liderimiz Arkadag bilen,
Arkadagly Gahryman Serdar bilen,
Bitarap sen, berkarar sen, Watanym!

*Gülnara MYRADOWA,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*IV ýyl talyby.*

## Ýurdum Bitaraplyk toýun toýlaýar

Zeminde zynatly, Hakdan halatly,
Ulus-ilim bagt ummanyn boýlaýar.
Söýgüden serpaýly eziz Diýarym,
Bu gün Bitaraplyk toýun toýlaýar.

Çar tarapy besläp elwan güllere,
Hemişelik bagty buşlap illere,
Adyn aýtsam asal geler dillere,
Ýurdum Bitaraplyk toýun toýlaýar.

Bäş welaýat bir suprada jem bolup,
Bir-birege arka durup, gol berip,
«Döwlet adam üçindir!» şygara uýup,
Ýurdum Bitaraplyk toýun toýlaýar.

Ynsanperwerligi edip ýörelge,
Dynçlygy söýmekde dünýä görelde,
Güllerde baglanan çemen her elde,
Ýurdum Bitaraplyk toýun toýlaýar.

Ýeňişleň nyşany ýaşyl Tugumyz,
Güller açýar bagtyýarlyk bagymyz,
Tagzym Size eziz Arkadagymyz!
Arkadagly Gahryman Serdarymyz!
Ýurdum Bitaraplyk toýun toýlaýar.

## Jan Watanym Türkmenistan

Gyz gelinleň uz bakyşly, ýörişleri messan,
Goýnuňy güller bezeýär, çar tarapyň bagy-bossan,
Waspyň ýazsam ejiz geler tarypyňa gazal, dessan,
Öňe, öňe diňe öňe jan Watanym Türkmenistan!

Taryhyna gözüň gider, geçmişine nazar salsaň,
Watanym pajarlap ösýär, gül Diýara göz aýlasaň,
Eziz ülkäm seň ugruňda şeýda bilbiller saýrasa,
Ses goşaryn ýürek joşup, jan Watanym Türkmenistan!

Garaşsyzlyk, Bitaraplyk baky şöhrat-şanymyz,
Ynsanperwer, ynanyşmak ýörelgämiz-ýolumyz,
Ylym-bilim, parasat hem akyl bilen doly biz,
Baý taryhly, geçmişli jan Watanym Türkmenistan!

Bitaraplyk bagtymyza ykylmlar, älem şaýat,
Ýüreklerimiz gaýnap joşýar, gaýgy-gussa boldy ýat,
Ýaşyl Tugum depämde, Watanym baky binýat,
Gülle sen, ýene pajarla, jan Watanym Türkmenistan!

*Aýnur HUDAÝBERGENOWA,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*IV ýyl talyby.*

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.
Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.
Bölüm redaktory: J.Gurbangylyjowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
Korrektorlar: A.Döwletowa, B.Baýhanow.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com